# Ýollar bizi duşurmazmy?!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýollar bizi duşurmazmy?! ÝOLLAR BIZI DUŞURMAZMY?!

Sen baharda duşduň maňa,
Sen meňzeşdiň ter bägüle.
Perwaz urdum seň daşyňda,
Döndüm aşyk bir bilbile.

Arman bagt maňa däl-de,
Ýüz öwürdi özge ýere.
Aramyza ýollar düşdi,
Alyp gitdi uzaklara.

Öwsüp barýan ýüwrük ýeller
Saňa arzym gowşurmazmy?
Bizi aýra salan ýollar
Indi gaýdyp duşurmazmy?

Gitdiň, ýöne gulagymda
Seň mylaýym sözleň galdy.
Gözlerimde bolsa, näzlim,
Gülüp duran gözleň galdy.

Undulaňok, ýaşaýarsyň
Hyýallarda, arzuwlarda,
Nirä baksam, seni görýän,
Gül keşbiň dur ähli ýerde.

Öwsüp barýan ýüwrük ýeller
Saňa arzym gowşurmazmy?
Bizi aýra salan ýollar
Indi gaýdyp duşurmazmy?

Italmaz NURYÝEW. Goşgular